# Portugaliýanyñ Azor arhipelagynda 48 sagatda 1100 ýer yranmasy

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Portugaliýanyñ Azor arhipelagynda 48 sagatda 1100 ýer yranmasy
PORTUGALIÝANYÑ AZOR ARHIPELAGYNDA 48 SAGATDA 1100 ÝER YRANMASY

*Magnitudasy 1,9 bilen 3,3 ball aralygynda üýtgeýän ýer yranmalarynyñ 63-ni ýerli halk syzdy.*




Portugaliýanyñ Azor arhipelagyndaky Sao-Jorge adasyndaky seýsmiki işjeñligiñ emeli hemradan alynan kartasy **(Reuters)**
Portugaliýanyñ Azor arhipelagynda kyrk sekiz sagadyñ dowamynda hasaba alynan azyndan 1100 sany kiçi ýer yranmasy degişli ýolbaşçylary gyssagly «adatdan daşary ýagdaý» meýilnamasyny güýje girizmäge iterdi.
Ýer yranmalarynyñ bolandygy şenbe güni öýleden soñ orta Atlantikadaky wulkaniki ada San-Žoržiden mälim edildi. Ygtyýarlylar ýerli halky howsala düşmezlige we resmi maslahatlara eýermäge çagyrdy.
Azor arhipelagynyñ «Civisa» seýsmo-wulkaniki gözegçilik merkeziniñ başlygy Kwi Markes duşenbe güni «Reuters» habarlar gullugyna ýer yranmalarynyñ ululygynyñ 1,9 bilen 3,3 ball aralygynda üýtgäp durandygyny aýtdy. «Lusa» habarlar gullugynyñ habar bermegine görä, bularyñ 63-ni ýerli halk

bilipdir.
Markes ýer yranmalarynyň köpüsiniň adanyň günortasyndaky Welas obasy bilen demirgazyk kenarýakasyndaky Fajã do Ouvidor-nyň arasyndaky sebitde emele gelendiginj we häzire çenli hiç hili ýykgynçylyk döretmändigini aýtdy.
San-Žoržiniň Urzelina wulkany iň soňky gezek 1808-nji ýylda atylanam bolsa, Azorlar Raýat goranyş edarasy seýsmiki işjeňlikdäki artyşyň geçen ýyl Ispaniýanyň La Palma adasynda Kumbre Wýeha wulkanynyň atylmagyndan öň anyklanan ýer yranmalar tapgyryny ýatladandygy sebäpli sebitiň wulkaniki gözegçilik merkezinden ýörite hünärmenleriň pikiri soraldy.
Agzalýan ýere ýene iki sany seýsmiki-gözegçilik beket gurmaga toparyny ugradan «Civisa» bu pes ýygjamlykly ýer yranmalarynyň yzyndaky sebäbini heniz anyklap bilmedi. Toparlar wulkaniki hereketiň görkezijisi hökmünde ýer gazlaryny-a ölçemegi meýilleşdirýär.
«Portuguese American Journal»-yň habar bermegine görä Markes «Ýagdaýy sypdyrman yzarlaýarys, ýöne bu krizisiň nämä äkitjekdigi boýunça gutarnykly bir zat aýdardan heniz ir» diýdi.
Markes, «Şumat bu sistema boýunça endişämiz islendik işjeň wulkanik sistema boýunça endişämiz bilen birmeňzeş. Elimizde seýsmiki krizise degişli işjeň wulkaniki sistema bar. Yzarlamagy dowam etdireris» diýip, sözüniň üstüni ýetirdi.
Beýleki bir ýandan Welas munisipalitetiniň başlygy Luis Silweýra seýsmiki hereketlerden soň öňüni alyş çäresi hökmünde gyssagly «adatdan daşary ýagdaý» meýilnamasyny güýje girizdi.
8 müň 400-e golaý adamyň ýaşaýan San-Žorži Azor arhipelagyny emele getirýän dokuz adanyň biri.
Arhipelagyň merkezi böleginiň bir parçasy bolan San-Žoržide Faial we Piko ýaly turistik ähmiýetli ýerler bar.

Namita SINGH.

Çarşenbe, 23.03.2022 ý. Geň-taňsy wakalar